# Balykçylañ namazy

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 21 января, 2025
Balykçylañ namazy Annaberdi AGABAÝEW

▶ BALYKÇYLAÑ NAMAZY

Ýerorta deñizi…
Günorta deñizi…
Mymyk şemalyñ ýüzlerin berip,
Zolak kenaryña torlaryn serip,
Borýolaryn düşäp kybla tarapa,
Ynha, balykçylañ durdy tarawa.

Köşeşdi, ýatyşdy tolkunlañ bazy, –
Başlandy kollektiw öýle namazy!

Gulaklar tapyldy çalmañ astyndan, –
Barmaklar gapyldy olañ üstünden,
(Şol bada kesildi jahanyñ sesi,
Süzüldi çalarak gözleñ hemmesi)
Eñekler tapdy-da iki nokady,
Dodaklar perişdä salam okady.

Kelleler egildi epildi dyzlar,
Soñra şeýle boldy okalan sözler:
«Ýerorta deñizi
Ýerorta deñzi!
Gözüñden salma sen,
Hor etme bizi!

Kabul et sen, ynha, mañlaý dermizi
Yzyna boş berme atan tormuzy,

Köşeşmesin goýnuñdaky hereket,
Egsilmesin tormuzdaky bereket!..»

…Egilýär kelleler, epilýär dyzlar,

Balyk ysly borýa galýaşýar ýüzler, ~
Säher ýollar ýene deñiz tarapa,
Häzir bolsa dowam edýär tarawa!

Aleksandriýa, 1969. Goşgular